Baýdak sütüni “vlagge-stock” niderland dözünden gelip çykyp, baýdagy saklaýan sütün, steržen manysyny berýär. Ol Baýdagy ýa-da baýdajyklary galdyrmak we düşürmek üçin dikilen wertikal metal, agaç ýada plastik sütündir. Şeýle hem diňleriň ýokarsyndaky gurnalýan nyşanlar ( hristianlaryň haçly nyşany, musulmanlaryň aý-ýyldyzly nyşany we ş.m.) Baýdak sütüni diýip atlandyrylýar.

Baýdak sütünleri adatça Baýdaklary galdyrmak üçin ýönekeý çarhlar we maýyşgak  ýüpler bilen üpjün edilen bolýar.

Häzirki wagtda dünýäde iň beýik Baýdak sütüni Müsüriň Täze Kair şäherinden 25 km uzaklykda  bina edildi. Onuň beýikligi 202 deňdir.

Dünýäniň iň beýik Baýdak sütünleri adyna mynasyp bolanlaryň birnäçesine seredip geçeliň.

2008 – nji ýyldan 2010 –  njy ýyla çenli dünýäniň iň Baýdak sütüni Aşgabat şäherinde ýerleşýän 133 metrlik Türkmenistanyň Baş Baýdagy hasaplanyp gelindi.

2010- njy ýylda Bakuda 162 metrlik Azerbaýjanyň Döwlet Baýdagynyň sütüniniň dikilmegi bilen, dünýä rekordyny özüne geçirýär.

Emma bu ady saklamak oňa 2011 – nji ýylyň 30 – njy awgustyna çenli başardýar. Çünki Duşanbede Täjigistanyň garaşsyzlygynyň 20 ýyllyk ýubileýi mynasybetli 165 metrlik Baýdak sütüni dikeldilýär.

2014 – nji ýyldan başlap, 2021 – nji ýyla çenli dünýä rekordyny Saud Arabystanyň Jidda şäherindäki Flagştogy saklaýar. Onuň beýikligi 170 m deň.

2021 – nji ýylda Täze Kairdäki 200 metrden gowrak beýiklikli Baýdak sütüni dünýä rekordyny öz adyna ýazdyrýar.

2023 – nji ýylda Russiýanyň Sankt-peterburg şäherinde gurlan 175 metrlik Baýdak sütüni diňe sanawyň ikinji setirini saklady.

Ýeri gelende belläp geçsek, dünýäniň iň uly Baýdaklarynyň arasynda dünýäniň 7 – nji beýik sütüninde gurnalan  420 kg massaly Türkmenistanyň Baş Baýdagy 1837,5 inedördül metr ölçegi bilen ilkinji dörtlügi jemleýär.

**Şöhrat BERDIÝEW**
**Türkmen döwlet**
**binagärlik – gurluşyk**

Все права защищены

**institutynyň talyby**

Все права защищены